# Aýal dogan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýal dogan AÝAL DOGAN

Erkek dogannyň barlygna,
Janyn berjek aýal dogan!
Ömür ýakynyn penalap,
Ganat gerjek aýal dogan!

Yhlasly çykan ýerine-
Guwanjyna aýal dogan!
Intizar ata öýüne-
Daýanjyna aýal dogan!

Sen edebiň syrdaşymy,
Naýbaşymy haýaň, dogan!
Uly-kiçiniň melegi,
Hem geregi aýal dogan!

Goldap gezmek naçaryny,
Erkege mahsus aç-açan.
Gaýta erkek doganyna,
Görseň kökenek her haçan.

Saňa mähir-muhabbetden,
Karzymyz kän entek, dogan!
Äri är edýän zenan sen,
Erkegi hem erkek, dogan.

Mähri bilen aýan dogan!
Mähribanym, aýal dogan!

2017 ý. Goşgular